Türkmenistanyň Statistika
baradaky döwlet komitetiniň
2019-njy ýylyň 28-nji
oktýabryndaky № 110
buýrugy bilen tassyklanyldy

**№ 1–ulag «Halkara ulag hyzmatlary barada hasabat» (çärýeklik), döwlet statitik hasabat formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

Ýük daşamagy amala aşyrýan ulagyň görnüşi boýunça halkara ulag hyzmatlaryny ýerine ýetirýän ähli ministrlikler, pudak edaralary №1-ulag "Halkara ulag hyzmatlary barada" hasabaty ösýän jemi görnüşinde çärýekleýin ýylyň başyndan doldurýarlar we hasabat döwründen soň aýyň 20-ne Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetine tabşyrýarlar.

Ulag hyzmatlary ýük daşamagy we ulagyň ähli görnüşleri bilen ýolagçy gatnatmagy we ulag kärhanalary tarapyndan ýerine ýetirilýän beýleki paýlaşdyrma hyzmatlaryny, ulag enjamlarynyň ekipažy bilen kireýine bermekligi goşmak bilen, öz içine alýar.

Ulag hyzmatlary şu aşakdaky ulag görnüşleri boýunça böleklere bölünýär:

– demir ýollar ulagy;
– deňiz ýollar ulagy;
– howa ýollar ulagy;
– awtomobil ulagy;
– derýa ýollar ulagy;
– beýleki ulag görnüşleri (turba geçirijiler).

Eger-de harydyň eýesi bilen ulag kärhanasynyň arasyndaky şertnamada kärhana tarapyndan ýüklemek we düşürmek hyzmatynyň amala aşyrylmagy göz öňünde tutulan bolsa, ýük hyzmatlary harytlary ulag ýüklemegi we olary düşürmegi öz içine alýar.

Ýurduň araçägindäki gümrükhana çenli getirilen, ol ýerden bolsa daşary ýurtlara iberilýän haryt bilen birleşen ulag hyzmatlary harydyň FOB-daky (Türkmenistanyň porty) bahasyna girizilýär.

Daşalýan ýükleriň göni iberijilerden we daşary ýurtlaryň demir ýollarynyň, deňiz ýollarynyň, parom bilen, awtomobil ulaglarynyň, ulagyň beýleki görnüşleriniň üsti bilen kabul edilenleri hasaba almaklyga degişlidir.

Daşalýan ýükleriň statistik hasabat birligi hökmünde ýük ýollama hasap edilýär, ýagny ýükleriň toplumy üçin taýýarlanylan aýratyn daşama resminama (ýol resminamasy ýa-da ýol wedomosty).

Daşalýan ýükler olaryň iberilen wagty we gelen wagty boýunça hasaba alynýar.

Ýüküň iberilen wagty hökmünde iberijiden, daşary ýurt demir ýolunyň, deňiz ulagynyň, parom geçelgesiniň, awtomobil ulagynyň, ulagyň beýleki görnüşleriniň ýükleri kabul edilen senesinden hasaplanylýar.

Ýüküň gelen wagty, onuň kabul edijä ýüki daşary ýurt demir ýoluna, deňiz ulagyndan, parom geçirijisinden, awtomobil ulagyndan, ulagyň beýleki görnüşlerinden tabşyrylan senesi hasaplanylýar.

Ýükler ugradylanda, olar bir ulagdan beýleki ulaga geçirilýän (ýüklenýän) ýagdaýynda, ýüküň iberilen wagty ol ýükiň beýleki ulag tarapyndan kabul edilen senesinden hasaplanýar. Ýüküň gelen wagty bolsa, ol ýüküň başga ulaga tabşyrylan senesinden hasap edilýär.

Ugradylan menzil diýlip-ýüki aşakdakylardan soňra daşamak üçin kabul eden menzile aýdylýar:

- göniden-göni ugradyjylardan;
- ýük iberijileriň ulag-ekspedisiýa hyzmatlaryny ýerine ýetirýän awtoulaglar kärhanalaryndan;
- gönüden-göni garyşyk demir ýollarynyň gatnawlary arkaly ýük daşaýan daşary ýurt demir ýollaryndan, deňiz parom geçirmelerinden;

- gönüden-göni garyşyk demirýol we awtomobil gatnawlary arkaly ýük daşaýan awtoulaglaryndan;
- ulaglaryň beýleki görnüşlerinden.

Bellenilen menzil diýlip-ýük daşamaklygyň tamalanan we ýüküň kabul edijilere gowşurylan menziline aýdylýar:

- ýük iberijileriň ulag-ekspedisiýa hyzmatlaryny ýerine ýetirýän awtoulaglar kärhanalaryna;
- göni halkara gatnawy amala aşyrmaly daşary ýurt demir ýollaryna;
- göni garyşyk demir ýollary we deňiz gatnawy arkaly indiki ýük daşamaklygy amala aşyrmaly deňiz ulaglaryna, deňiz parom geçirmelerine;
- göni garyşyk demir ýollary we awtomobil gatnawy arkaly indiki ýük daşamaklygy amala aşyrmaly awtomobil ulaglaryna;
- ulaglaryň beýleki gürnüşlerine;

Ýük daşamaklygy hasaba almaklyk üçin ilkinji resminamalaryň sanawy:

- daşary ýurt demir ýollaryndan göni halkara demir ýollarynyň gatnawyna ýük üçin berlen sanawlar,
- daşary ýurtdan deňiz ulagy bilen getirilen ýüküň halkara göni garyşyk demir ýol – deňiz ýük gatnawyna ýük barada berlen sanawy;
- halkara demir ýollary arkaly parom geçirmelerinden alnan ýük üçin berlen sanawlar;
- garyşyk demir ýol we deňiz, demir ýol – awtoulaglar bieln daşalýan ýükler barada - awto ulaglardan we deňiz ulaglaryndan gowşan resminamalar boýunça berlen sanawlar;
- ulaglaryň beýleki görnüşlerinden gowşan ýük üçin sanawlar;

Ýüküň gelenligini hasaba almagyň ýük daşamaklykdan alnan girdejileriň, ýük daşamaklygyň, ýük dolanşygynyň, esasy ilkinji çeşmeleriniň resminamalary bolup aşakdakylar hyzmat edýär:

- ýüki serhetden alyp çykmaklyk üçin daşary ýurt demir ýollaryna tabşyrlan ýük barada berýän göni halkara demir ýol gatnawlarynyň ýol sanawlarynyň nusgasy;
- serhetden alyp çykmaklyk üçin deňiz ulaglarynyň beren halkara göni garyşyk demir ýol - deňiz ulaglarynyň ýük gatnawynyň ýol sanawlarynyň nusgasy;
- parom geçirmelerine berlen halkara demir ýol - parom gatnawynyň ýol sanawlarynyň nusgasy;
- ulaglaryň beýleki görnüşlerine ýüküň ýol sanawlarynyň nusgasy;

Ýolagçylary gatnatmaklygy hasaba almak ulaglaryň ähli görnüşleri bilen ýolagçy gatnatmagy öz içine alýar.

Ýük daşamagy hasaba almagyň birligi hökmünde ýük ibermesi, ýagny ýük toplumy üçin taýýarlanan aýratyn ýük resminamasy (kwitansiýasy) hyzmat edýär.

Ýük daşamagyň töleginiň jemi ýük daşamakdan gelýän girdejini kesgitlemek üçin hasaba alynýan. Hasaba daşama tölegiň jemi we ýük resminamasynyň (kwitansiýasynyň) goşmaçasynda görkezilen goşmaça ýygymlar hem girýär.

Ýolagçy we ýük hyzmatlaryna ulaglary çäklendirilen möhlete, ýükleri we ýolagçylary bir gezek gämilerde, howa gämilerinde, ýük maşynlarynda we beýleki täjirçilik ulag serişdelerinde äkitmeklik ekipažy bilen kireýne almak (bermek) ýaly hyzmatlary öz içine alýar.

Kömekçi we goşmaça hyzmatlar portlarda; aeroportlarda we beýleki ýerlerde edilýän hyzmatlary öz içine alýar.

Ol hyzmatlara şu aşakdakylar girýär:

- ýükleri gaýtadan işlemek (ýük ýüklemek we ýük düşürmek we ş.m.).
- ammarlarda goramak we ýerleşdirmek;
- gaplamak we gaýtadan gaplamak;
- ulag kompaniýalaryna tirkege almak gämi sürmek we ugrukdyrmak kömegi;
- halas ediş işleri. Şeýle-de ýolagçylaryň we ýükleriň gatnadylmagy bilen bagly komission (toplum) we araçy (agent) töleglerini öz içine alýar.

Bu hyzmatlar “Beýlekiler” ulag hyzmatlarynyň içine girizilmelidir.

Ulag kärhanalarynyň hyzmatlardan gelen girdejilere öz ýurdynda gämilerde edilen hyzmatlaryň tölegini, portlarda edilen dürli hyzmatlaryň töleglerini, aeroportlarda, ýük ýüklemek we ýük düşürmek işlerine şeýle-de araçylara komission we beýleki töleglerini öz içine alýar.

**Söwdanyň, ulagyň we aragatnaşygyň  statistikasy müdirligi**